# Türkmen adatlary / dowamy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Türkmen adatlary / dowamy TÜRKMEN ADATLARY

Türkmenlerde familiýa bolmansoň, familiýanyň ýerine her kimiň adynyň yzyna «pylanynyň ogly» diýen sözler goşulýar, aýal adamyň adynyň yzyndan «pylanynyň gyzy» diýen sözler goşulýar. Şonuň üçin-de türkmen aýallary äre çykanlaryndan soň hem, ärli bolan halatlarynda-da, dul halatlarynda-da atalarynyň atlaryny ýitirmeýärler.
Türkmeniň adaty boýunça aýal öz ärine tabyn bolmaly we onuň ähli görkezmelerini hem-de isleglerini kanagatlandyrmaly.
Adata gulak asmaýan, ýalta aýaly adat boýunça tä ýençmeklige çenli hukuk berilýär. Gulak asmadyk aýaly babatynda görýän ýeňil çäreleri islegine laýyk gelmedik halaty erkekler bulary maýyplyga çenli urýarlar. Şunuň ýaly ýagdaýlarda aýal äriniň üstünden suda arz edýär eken we äri bilen aýrylyşdyrmagy talap edýär eken.
Türkmenleriň adaty öz halkynyň ahlak başlangyçlaryny saklamak maksady bilen, ärlerine we atalaryna haýynlykda tutulan aýallaryna we gyzlaryna geçirimlilik etmeýärler.

■ Är-aýalyň emläk hukugy

Türkmen aýalynyň äriniň öýüne getirýän bukjasy onuň öz eýeçiligi diýip hasap edilse-de, ol ärli halynda äriniň razylygy bolmazdan oňa eýelik edip bilmeýär. Aýal öz goşlaryny diňe äri ölenden soň ýa-da äri bilen aýrylyşandan soň äkidip bilýär.
Türkmenlerde ähli emläk we goşlar erkegiň eýeçiligi bolup durýar we ol oňa öz garaýşyça eýeçilik edýär. Ol öz goşlaryny aýalyndan soramazdan satyp ýa-da berip bilýär. Türkmenleriň adaty boýunça aýal öý goşlarynyň we emlägi artdyrylmagyna goşant goşmaga ygtyýar berilýär. Türkmeniň adatynda aýal äriniň emlägini ulanyp bilýär. Türkmen aýaly äriniň bolmadyk

mahalynda-da onuñ emlägine eýelik edip bilmeýär.
Ärleriniñ razylygy bolmazdan aýallar söwda bilen meşgullanyp bilmezler. Emma dul galan aýallara welin, ärleriniñ garyndaşlarynyñ razylygy bolmasa-da söwda etmäge ygtyýar edilýär. Olara ärinden galan zatlary satmaga ygtyýar berilýär. Ýöne äriniñ erkek garyndaşlary bar bolsa, hatda olar daşgynrak bolanlarynda-da aýala emlägi satmaga ygtyýar berilmeýär.
Aýallar ärleriniñ ygtyýary bolmazdan özleriniñ bergi borçlaryny amala aşyryp bilmeýär, pul karzyna bermäge-de ygtyýarlary ýokdur. Ärleriniñ razylygy bolmazdan baglaşylan bergi-borçnamalary asla hasaba alynmaýar we onuñ güýji ýokdur.

■ Türkmen aýalynyñ ýagdaýy

Türkmen aýallarynyn ýagdaýy pikir edilendäkiden has ýaramazdyr. Mälim bolşy ýaly, şerigatyñ öwredişi ýaly, äri öz kanuny aýalyna öz dosty hökmünde, äri tarapyndan galyñ berlip satyn alnan goş hökmünde garaýar.
Şerigat erkek adama öz aýalynyñ birugsat öýünden çykyp gidendigi, ogurlyk edendigi, aýallyk borjuny etmekden boýun towlandygy üçin jeza bermäge ygtyýar edýär. Ýöne türkmenlerde ýönekeýje zatlar üçin hem ärleriniñ igenip, azar berýändiklerini görmek bolýar.
Türkmen dul aýallarynyñ ýagdaýy has-da ýaramaz.
Ýöne şeýle bolsa-da türkmen aýalynyñ ýagdaýynda oñat taraplary hem görmek bolýar. Ýönekeýje zat: türkmen aýallary ärlerini saýlap almakda has erkin. Munuñ özi şeýleräk bolup geçýär. Mälim bolşy ýaly, şerigat boýunça aýallar erkeklere ýüzüni görkezmeli däl. Emma türkmenlerde aýallaryñ ýüzleri açyk. Şonuñ üçin-de ýaş ýigit bilen gyzyñ toý etmezlerinden öñ biri-birlerini görmäge, tanyşmaga mümkinçilikleri bar.

■ Türkmenleriñ halk sudy

Türkmen taýpalarynyñ birinde-de sud ýaly halk sudlary bolmandyr. Şahsy adamlaryñ arasynda düşünişmezlik dörän mahaly, onda ol işlere atly-abraýly adamlar tarapyndan seredilipdir. Adatça ol adamlar hormatly ýaşulular,

aksakgallar, kethudalar bolupdyr.
Atly-abraýly adamlaryñ, aksakgallaryñ şunuñ ýaly ýygnanşygyna adatça mejlis ýa-da maslahat diýlip at berlipdir. Ol maslahatlaryñ belli bir wagty bolmandyr.
Adatça şol maslahatlara açyk ýerde, metjidiñ golaýynda ýa-da hormatky ýaşulynyñ öýüniñ gapdalynda ýygnanylypdyr. Şunda bu maslahatlarda hiç hili protokollar, düşündirişler ýazgy edilmändir, hemme zatlar dil üsti bilen amala aşyrylypdyr. Ýöne şunuñ ýaly maslahat (sud) esasynda iki hili ýazmaça aktlar berlipdir. Ol hatlar «synjyl haty» we «talak haty» diýlip atlandyrylypdyr.
Işlere garalanda oña taraplar, şeýle hem isleg bildiren adamlaryñ ählisi gatnaşypdyr.
Türkmenleriñ arasyndaky ýüze çykýan ähli işleriñ soñy ylalaşyk bilen tamamlanypdyr.

■ Kazylar hakynda

Kazylar diýlip şerigat boýunça musulmanlaryñ arasyndaky jedelli meseleleri çözýän adamlara aýdylypdyr. Işlere garaýan kazylar halk tarapyndan bellenilmändir. Şu wezipäni eýelemek islän türkmenler özleriniñ kazy edilip bellenilmegini haýyş edip, Hywa hanyna ýa-da Buhara emirine ýüz tutupdyr. Olar razylyk berip, ýörite hat beripdirler. Şol hat sud etmäge esas bolupdyr.
Türkmenlerde kazy edilip bellenmek üçin aşakdaky häsiýetlere eýe bolmak zerur bolupdyr: aslyñ «ig» türkmenlerden, kämillik ýaşyna ýeten, akylly-başly, adalatly bolmaly. Gurhany, arap ýazuwyny oñat bilmeli.
Şol talaplara kazylaryñ näçeräginiñ laýyk gelýändigini aýtmak kyn, ýöne men şoña laýyk gelýän kazylaryñ üçüsiniñ Sarahsda, Tejende we Ashabatda bolandygyny açyk bilýärin. Olaryñ ählisi-de Kuran bilen oñat tanyş hem-de arap dilini kanagatlanarly bilýärler. Muny men esasly tassyk edip bilerin.

A.Lomakin.

Ashabad, 1897 ý. Taryhy makalalar